# Ýalňyşdym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýalňyşdym ÝALŇYŞDYM

*«Bu dünýäde hemme zat çyn, hemme zat galat».*
*Kalderon.*

Ýalana ynanman ýalňyşdym,
Çyna ynanyp ýalňyşdym.
Bir maksat tutup ýalňyşdym,
Maksada ýetip ýalňyşdym.

Dosta ynanyp ýalňyşdym,
Duşmana ynanyp ýalňyşdym.
Ýalançyny, ýaranjaňy
Adamam sanman ýalňyşdym.

Bähbidim bolsa-da, iki geplemän,
Dogry gepi dogry aýdyp ýalňyşdym.
Haram ýoldan haram rysgal gözlemän,
Adalatam bardyr öýdüp ýalňyşdym.

“Şu ýoldan gitme!” diýdiler,
Şol ýoldan gitmän ýalňyşdym.
“Ýagşylyk etme!” diýdiler,
Ýamanlyk etmän ýalňyşdym.

Watany söýdüm goh etmän,
Ýürekden söýdüm, tersmişin.
“Watan, seni söýýän!” diýip,
Telewizorda gygyrýan
Sesi güýçliňki dürsmişin.

Ýaşam ömrümiň ortasy,
Başy hem yzy-ýalňyşlyk.
Sebäpler ýöne bahana,
Belki-de, meň bu jahana

Gelmegmiň özi-ÝALŇYŞLYK.

Atajan TAGAN. Goşgular